# Hyýallar we hakykatlar

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Hyýallar we hakykatlar HYÝALLAR WE HAKYKATLAR



Konstitusiýa modelini işläp düzdüler:
Paýtagt – Stambul…
Döwlet dili – arapça…
Baýdakdaky gyzyl-ýaşyl reñkli, ak aý we milli döwletlerimiziñ sanyça ýyldyz…
Pul birligi – dinar…
Düýp maksady – yslam şerigatyny we akydasyny agalyk etdirip biljek Yslam bileleşigi federasiýasyny gurmak!
Birinji toplanşyk 2017-nji ýylyñ 23-24-nji noýabrynda Stambulda geçdi.
Ikinji toplanşyk 2018-nji ýylyñ 1-2-nji noýabrynda Stambulda geçdi.
Üçünji toplanşyk 2019-njy ýylyñ 19-20-nji dekabrynda Stambulda geçdi.
Soñra ara pandemiýa düşdi…
Birinji toplanşygyñ temasy «Geçmişden gelejege dolandyryş formalary» boldy.
Ikinji toplanşygyñ temasy «Yslam ykdysadyýeti we ykdysady ulgamlar».
Üçünji toplanşygyñ temasy «Yslam bileleşigi üçin umumygorag ulgamynyñ usullarynyñ we esaslarynyñ kesgitlenişi» boldy.
Toplanşyga guramaçylyk eden Türkiýe merkezli «SADAT» harby geñeşdarlyk şereketiniñ düşünje jemgyýeti: Adalatyñ goragçylary strategik barlaglar merkezi (AGSBM) – ASSAM…
Şereketiñ gurujysy otstawkadaky general Adnan Tañrywerdi…

SADAT we Adnan Tañrywerdi hakyndaky jikme-jik maglumatlary Janer Taşpynaryñ we Ersin Eroglynyñ bilelikde ýazan «Kölege goşun. SADAT-yñ syr perdesi syrylýar» (“Gölge Ordu/ SADAT’ın Sır Perdesi Aralanıyor”) kitabyndan öwrenip bilersiñiz…
Bu kitapdan peýdalanyp, gürrüñi üçünji paragrafymda başga ýere çekmekçi.

**• HEMIŞEKI MINISTR**

SADAT ýygnanşyklarynyñ esasy adamynyñ Adnan Tañrywerdi bolmagynyñ geñ galar ýaly tarapy ýok, ýygnanşygy onuñ başlyklyk edýän şereketi geçirýär.
Emma. Ýygnanşyklaryñ ýene bir hemişekisi kimdir öýdýärsiñiz: Nureddin Nebati. Ýagny, Hazyna we maliýe ministri… Özem ol üçünji toplanşygyñ açylyşynda söz sözledi.
Ministr Nebatä dolanyp geljek. Emma ilki «Yslam ykdysadyýeti we ykdysady ulgamlar» mowzukly ýygnanşykdan söz açsam gowy bolar. Bu toplanşykda şular ýaly kararlar kabul edildi:
– Yslam ýurtlarynyñ arasynda gümrük bileleşigini gurmaly…
– Yslam ýurtlarynyñ arasynda umumy bazar gurulmaly…
– Yslam ýurtlarynyñ arasynda pul birligini kabul etmeli…
– Yslam ýurtlarynyñ arasynda söwda palatalary, söwda sudlary, fondlar gurulmaly, yslamy elektron dinar pul birligije geçmeli…
–Zekat toplamak işi döwletleriñ gözegçiliginde guramaçylykly amala aşyrylmaly we umumy fond ýagdaýyndan jemlenip baha berilmeli…
– Yslam ýurtlarynyñ arasynda magdan, energetika, ekerançylyk, transport, telekommunikasiýa, azyk pudaklarynda el birligi ulgamlarynyñ gurulmagy we yslam bankirligi şygaryny öñe tutýan maliýe guramalary goldanmaly…
– Yslamy düzgünlere laýyklykda hereket edýän umumy maliýe guramasy we SWIFT ulgamy gurulmaly…
– Senagatlaşan ýurtlara garşy umumy strategiýa ýöredip, agza ýurtlaryñ arasynda daşarky söwdany artdyrmaga gönükdirilen çäreler kabul edilmeli…
– Yslam ýurtlarynyñ arasynda ‘’Barter söwdasy, Goşulyş bankirligi, Elbirliği sistemasynyñ we fondlaryñ ” gerimini giñeltmeli hem-de ösdürmeli…

Indi näme diýjek bolýanyma geleýin:

- **HYÝALLAR – DINAR, HAKYKATLAR – DOLLAR**

Özüñizem bilýänsiñiz, geçen hepde Gazna we maliýe ministri Nureddin Nebati Londonda dürli banklaryñ we maýa goýumçylaryñ ýokary düzümli dolandyryjylary bilen iki gün dowam eden ýygnanşyklary geçirdi.
18 sany barlyk dolandyryş şereketi, 19 sany halkara galkynyş we maýa goýum banky bilen 10-dan gowrak hususy sermaýa, başlangyç we giriş sermaýasy fondue bilen tehnologiýa şereketiniñ wekilleriniñ gatnaşmagynda geçirilen ýygnanşyklarda ministr Nebati myhmanlaryna «Türkiýä bil baglañ» diýdi.
Ministr Nebati Riýada, Kaire, Yslamabada gitmedi… Jakarta, Beýruta, Tährana, Ammana, Dakka gitmedi. Hiç bir yslam ýurdunyñ paýtagtyna gitmedi.
Ýüwre-ýüwre «maliýäniñ käbesi» Londona gitdi.
Hany, näme boldy Yslam bileleşigi federasiýasyna? Ýazgymyñ adyny şonuñ üçin «Hyýallar we hakykatlar» diýip goýdum. Maliýe krizisi ýaly durmuşyñ hakykatlary bilen ýüzbe-ýüz boldular welin, dessine demlerini Londonda dürsäp, gyk-bak edýärler:
– Zaluwat, bankirler bize bil baglaweriñ…
– Zaluwat, maliýeçiler bize ýardam edeweriñ…
– Zaluwat, fondçylar bize pul bereweriñ…
Hyýallar dinar, hakykatlar dollar.
Hakykatlary görmezlige salyp bilmersiñiz. Hakykatlar size däl, siz olara uýmaga borçly.
Gynansak-da, ýurdumyzda hyýal dünýäsinde gaýmalamagy halaýanlar bar. Nämemiş, şerigatyñ höküm sürýän Yslam bileleşigi federasiýasyny gurjaklarmyş!
Sorasañyzlañ, ýygnanşyklaryñ hemişekisi Nureddin Nebati ilkinji demini nämüçin Londonda aldy?
Onuñ goldawçylary bolan musulmanlar walýuta býurasyna haýdap gidip dinar däl-de, nämüçin dollar aldy?
Hakykatlar bilen ýüzleşip bilmeýändikleri üçin, gynansak-da, dowamly çökgünlikleri başdan geçirýär bu jennet ýurdum…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 15.02.2022 ý. Publisistika